# Übtüjekler / kindiwanja kyssajyklar – Edepsiz çaga

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Übtüjekler / kindiwanja kyssajyklar – Edepsiz çaga EDEPSIZ ÇAGA

Köpgatly ýaşaýyş jaýynyň öňündäki çagalar meýdançasynda ala-goh bolşup, ownukly-irili oglanjyklardyr-gyzjagazlar oýnaşyp ýör.
Birdenkä, lälijekdigi özüni alyp barşyndan bildirýän iki-üç ýaşly oguljygynyň töwereginde kebelekläp ýören dolmuş gelin, özüniň eziz perzendiniň talap edýän jäjegini bermekden boýun gaçyrýan, dogumlyja gyzjagazyň elinden şatyrdadyp tutdy. Ony, ylla bir jenaýatçy tutan deý südenekledip, meýdançanyň gyrasynda oturan zenanlara tarap alyp gaýtdy. Içi gazapdan dolandygy sebäpli, öňem bylkyldap duran göwresini hasam çişirip, aňyrdan gele-gelmäşe-de gyzjagazyň ejesiniň üstüne heňkirip ugrady:
-Goňşyý-ý! Gyýw! Bü öz çagaňa edep-terbiýe diýlen zadyň dagy düşnügini bir berýäňmi, gyýz? Büjagaz-a ýaňyja, meň jan ýalyjak balajygyma oýnawajyňy beräý diýsem, ýöne “jukk” edip, jukgullap başyny ýaýkap dur-a! “Ulyny syla ahyry, maýmynjyk!” diýsemem, dili guramyş, elindäki jäjege ýapyşan jan ýalyjak balajygyma: “ganjykdan bolan” diýip sögünýär-ä! Toba, toba, tüf-tüf…Şu ýaşynda şuň ýaly bolsa, ulalansoň dagy nähili bolarka, bi aýjynyň!
Gyzjagazyň ejesi, dolmuş goňşusynyň häsiýetine endikli bolara çemeli. Awuly sözleriň neşderi içinden ok bolup geçenem bolsa, syr bildirmedi. Parahatlyk bilen ýerinden dikeldi-de, gyzynyň elini dolmuş gelniň penjesinden sypdyrdy. Soňam gözüni-gaşynam çytman, asuda äheňde çagasyna käýýemäge başlady:
-Gyzym, gelnejeň dogry aýdýa! Beýle edepsiz bolmazlar. Ojagaz “jan ýalyjak balajygyň” ejesiniň kimligi bilen nä işiň ba…
Hekaýalar